THE ASHGABAT TIMES

# Özbegistanlylar Awstriýada ýokary hak tölenýän iş alyp bilerler.

Özbegistan bilen Awstriýa zähmet migrasiýasy babatda hökümetara şertnama baglaşmagy meýilleşdirýärler diýip, Podrobno.uz habar berýär.

Daşary ýurtlarda zähmet migrasiýasy agentliginiň başlygy Behzod Musaeýew hem-de Daşary işler we Içeri işler ministrlikleriniň wekilleri Awstriýada gepleşikler geçirdiler. Awstriýanyň IIM-i, DIM-i, Zähmet we ykdysadyýet ministrligi, şeýle hem Bilim ministrliginiň wekilleri bilen geçirilen duşuşyklarda özbegistanlylary işe ýerleşdirmek babatda hyzmatdaşlygy ösdürmek meseleleri maslahatlaşyldy.

Resminama Özbegistanyň raýatlaryny Awstriýada ýokary hak tölenýän iş ýerlerine tertipli ýerleşdirmek we bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin şertleri döretmäge garaşylýar.

Mundan başga-da, delegasiýa Awstriýanyň Federal Söwda-senagat palatasynyň (WKO) direktorynyň orunbasary Astrid Fiksl-Pummer bilen duşuşdy. Esasy ara alnyp maslahatlaşylan tema özbek hünärmenlerini awstriýa kompaniýalaryna çekmek boldy.

Aprel aýynda Daşkende WKO-nyň wekiliýeti açylar. Dabaranyň çäklerinde Awstriýanyň iri iş berijileriniň gatnaşmagynda zähmet forumy geçiriler.

Ýatladýarys, mundan ozal Özbegistan Germaniýa bilen zähmet migrasiýasy barada şertnama baglaşdy. Resminama görä, Germaniýada işlemek üçin şepagat uýalary, demir ýol ulag hünärmenleri we awtobus sürüjileri iberiler. Olaryň iň pes aýlyk haky aýda 2,2 müň ýewrodan kem bolmaz.

Все права защищены